# Perwana

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Perwana PERWANA



Bu ne aÿdym, bu ne gaýgy, bu ne hal?
Bu ne kyssa, bu ne gussa, bu ne saz?
Bu ne dünýä, bu ne günä, ne ahwal,
Peşgeş deÿ ömrüme guýulan owaz?
Dirikäñ ne soran, habar alan bar,
Käbiri ölmäkäñ gömmäge taýýar,
Iteniñ – bir gudrat, söýeniñ – haýýar,
Ykbalyñ asmanda urup dur perwaz.

Gözellik gözüñe görünmez – körlük,
Dostlaryñ dönük däl, duýgular – dönük,
Özüme erk etsem, dünýeler dönüp,
Meniñem gapyma gelermikä saz?

Çagalyk ýat boldy, gojalyk – bitap,
Bu aýny ýaşymda näme ol kuwwat?
Gardaş gaýra dursa, gardaş bolup ÿat,
Neçüýn maña dünýäñ düşüneni az?

Bu ne dert, ol nä mert, çekip çydara?
Bu ne durmuş – Huda urmuş mydara?!
O nä ruh, nä duýgy, çekdiler dara,
Çöküp, saýasynda okalyp namaz?!

Çary ATAÝEW Goşgular